26
2021

TURKMENISTAN: NEWS WEEKLY • ТУРКМЕНИСТАН: СОБЫТИЯ НЕДЕЛИ



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI

# TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

STATE NEWS AGENCY OF TURKMENISTAN • ГОСУДАРСТВЕННОЕ ИНФОРМАЦИОННОЕ АГЕНТСТВО ТУРКМЕНИСТАНА








“Ýanbaş” çeşmesiniň
arassalanan gazsyz agyz suw
10 10 52 10 10 65
10 10 53 10 10 83
10 10 64 10 10 84
hayyat_water
19 ltr ‘Hayyat’ arassalanan ag





# TÜRKMENISTAN: HEPDÄNIŇ WAKALARY

**HEPDELIK HABARLAR TOPLUMY**


**№26 (1357)**

**21-27-nji iýun 2021-nji ýyl**

**(1994-NJI ÝYLYŇ FEWRAL AÝYNDAN BÄRI TÜRKMEN, IŇLIS WE RUS DILLERINDE ÇAP EDILÝÄR)**

**ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET HABARLAR AGENTLIGI**



*Redaksiýanyň salgysy:*
**744000. Aşgabat ş. Bitarap Türkmenistan şaýoly, 24-a**

*Redaksiýanyň telefonlary:*
**(993-12) 92-12-12,**
**92-16-17,**
**92-43-05.**

*Faks:* **(993-12) 92-52-30**

*WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:*

**Türkmenbaşy ş.** 2-25-44
**Balkanabat ş.** 4-86-13
**Türkmenabat ş.** 6-79-50
**Mary ş.** 4-59-13
**Daşoguz ş.** 5-96-41


## ŞU SANYNDA:


**RESMI BÖLÜM**

*Türkmenistanyň Prezidenti möwsümleýin oba hojalyk meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi......2*

*Türkmenistanyň Prezidentiniň Lebap welaýatyna iş sapary......2*

*Döwlet Baştutanymyz Lebap welaýatyndaky dabaralara gatnaşdy..2*

*Türkmenistanyň Prezidenti Azerbaýjanyň Döwlet nebit kompaniýasynyň ýolbaşçysyny kabul etdi......4*

*Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi......4*

*Türkmenistanyň Prezidenti Gyrgyz Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisini kabul etdi......5*

*Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparynyň ýolbaşçylary bilen iş maslahatyny geçirdi......6*

*Türkmenistan–Gyrgyz Respublikasy: möhüm gatnaşyklaryň täze ugry......7*

*Milli Liderimiz Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna bardy......8*

**TÄZE NEŞIRLER**

*“Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynyň italýan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy......9*

**EKOLOGIÝA**

*Türkmenistan we Ýaşyl howa gaznasy bilelikdäki taslamany durmuşa geçirýär......9*

**TÜRKMENISTAN – ÝUNISEF**

*Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda hyzmatdaşlyk......9*

**OBASENAGAT TEHNOLOGIÝALARY**

*Azyk howpsuzlygy – durnukly ösüşiň möhüm ýagdaýy......10*

**JEMGYÝET**

*Çagalar baradaky alada – Garaşsyz Türkmenistanyň nurana geljeginiň kepili......10*

**MEDENIÝET HEPDELIGI - 2021**

*Milli medeniýetiň güýç-kuwwaty ynsanperwerlik gymmatlyklarynyň dowamatlylygynyň esasydyr......10*

**SENELER**

*Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy – umumadamzat gymmatlygy......11*

**BIRŽA TÄZELIKLERI**

*RESMI BÖLÜM*

## Türkmenistanyň Prezidenti möwsümleýin oba hojalyk meseleleri boýunça iş maslahatyny geçirdi

21-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hem-de Mary welaýatynyň we etraplarynyň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onuň gün tertibine möwsümleýin oba hojalyk işleriniň geçirilişi, hususan-da, galla oragy bilen bagly meseleler girizildi.

Döwlet Baştutanymyz ilki bilen Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýewe söz berdi. Wise-premýer galla oragynyň alnyp barlyşy, ýetişdirilen hasyly bellenen möhletlerde we ýitgisiz ýygnap almak maksady bilen görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Wise-premýer galladan boşan meýdanlarda sürüm geçirmek, welaýatlaryň ýerli toprak-howa şertlerine laýyklykda, aralyk ekinleri bolan noýba, mäş, künji we gök-bakja ekinlerini ekmek, Balkan we Mary welaýatlarynda güýzlük gant şugundyryny hem-de Lebap welaýatynda şaly ekinini ekmek işleriniň alnyp barylýandygyny habar berdi.

Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew gallanyň bol hasylynyň ösdürilip ýetişdirilendigi we ýitgisiz ýygnap almak boýunça zerur işleriň dowam edýändigi barada hasabat berdi. Şu güne çenli Watan harmanyna 320 müň 766 tonna däne tabşyrylyp, bellenilen meýilnama 92,98 göterim ýerine ýetirildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatynyň etraplarynyň häkimleriniň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda ýetişdirilen galla hasylyny ýygnamak boýunça alnyp barylýan işler baradaky hasabatlaryny diňledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilýän iş maslahatynyň barşynda Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň "Täze ýol" daýhan birleşiginiň kärendeçisi Ýagmyrgeldi Oratdyýew bilen söhbetdeş boldy we öý-içerileri, oba durmuşynyň, ýetişdirilen şu ýylky galla hasylynyň ýagdaýy bilen gyzyklandy.

Ý.Oratdyýew 37 ýyldan bäri kärendeçi bolup işleýändigini, kärende ýerinde bugdaýyň "Ýolöten-3" görnüşini, gowaça we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirýändigini habar berip, özüniň 20 gektar kärende ýeriniň bardygyny, nesip bolsa, onuň her gektaryndan 30 sentnere, ortaça 60 tonna golaý bugdaý hasylyna garaşýandygyny guwanç bilen aýtdy.

Kärendeçi bugdaý oragyndan soň, öz ýerinde güýzlük gant şugundyryny ekmegi meýilleşdirýändigi barada habar berdi.

Kärendeçi döwlet harmanyna tabşyrylan hasyl üçin hasaplaşyklaryň wagtly-wagtynda geçirilýändigini aýdyp, şu ýylky bugdaý hasylynyň bir gektaryndan ortaça 1 müň 545 manada we jemi 20 gektaryndan 31 müň manada golaý arassa girdeji almaga garaşýandygyny habar berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz maslahata gatnaşyjylara ýüzlenip, welaýatda galla oragyny guramaçylykly geçirmek, ösdürilip ýetişdirilen bugdaý hasylyny gysga wagtda we ýitgisiz ýygnap almak üçin ähli zerur işleriň geçirilmelidigine ünsi çekip, birnäçe tabşyryklary berdi.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň Lebap welaýatyna iş sapary

22-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Lebap welaýatyna iş saparyna ugrady.

Türkmenabat şäheriniň Halkara howa menzilinde welaýat häkimi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa döwlete däne tabşyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirendikleri barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz hoş habary kabul edip, welaýatyň ekerançylarynyň bu sebitde Medeniýet hepdeliginiň geçirilýän günlerinde gazanan zähmet ýeňşiniň ähmiýetini nygtap, hemmeleri goşa baýram bilen gutlady. Ýurdumyzda ilkinji bolup, şertnamalaýyn borçnamasyny ýerine ýetiren lebaply gallaçylaryň Watan harmanyna 310 müň tonnadan gowrak ak bugdaý tabşyrandyklaryny belledi.

Zähmetsöýer daýhanlaryň öňde duran wezipeleri abraý bilen berjaý edýändiklerini kanagatlanma bilen belläp, döwlet Baştutanymyz Lebap welaýatynyň ekerançylarynyň yhlasly zähmet çekip, pagta taýýarlamak baradaky borçnamany hem üstünlikli ýerine ýetirjekdiklerine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz babadaýhanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, eziz Watanymyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde üstünlik arzuw edip, bu ýerden ugrady.

## Döwlet Baştutanymyz Lebap welaýatyndaky dabaralara gatnaşdy

23-nji iýunda Lebap welaýatynda iş saparynda bolýan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow şu gün Kerki şäherinde Halkara howa menziliniň hem-de Türkmenabatda "Türkmeniň ak öýi" binasynyň açylmagy mynasybetli dabara gatnaşdy. Bu ýerde ýurdumyzyň gündogar sebitinde geçirilýän Medeniýet hepdeligine bagyşlanan konserti hem boldy.

Döwlet Baştutanymyz howa menziliniň açylyş dabarasynda çykyş edip, Kerki şäherinde Halkara howa menziliniň gurulmagy ýurdumyzyň raýat awiasiýasynyň mümkinçiliklerini giňelder, howa ulaglary arkaly ýolagçy gatnatmagy we ýük daşamagy ýokary derejede amala aşyrmagy üpjün eder, sebitde syýahatçylygy ösdürmek, goňşy

döwletler bilen ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin amatly şertleri döreder diýip belledi.

Ýolagçy terminaly bilen tanyşlygynda döwlet Baştutanymyza dabaraly ýagdaýda Kerki Halkara howa menziliniň ilkinji ýolagçy münüş petegi hem gowşuryldy.

"Türkmenhowaýollary" agentliginiň buýurmasy boýunça bu möhüm desganyň gurluşygyny "Gündogdy" hususy kärhanasy amala aşyrdy. Geçirijiligi sagatda 100 ýolagça niýetlenen täze Howa menziliniň taslamasy bu ulgamda täzeçil tehnologiýalar we öňdebaryjy gazanylanlar göz öňünde tutulyp ýerine ýetirildi.

Beýikligi 31,7 metr dolandyryş diňi bolan umumy meýdany 2 müň 221 inedördül metr ýolagçy terminalynyň binasynyň keşbinde özboluşly bezeg we inžener-tehniki çözgütler beýanyny tapdy.

Terminalyň zallarynyň aýnalary tutuşlygyna ultramelewşe goraglylygyna eýedir, olaryň bezeginde ýokary hilli durnukly serişdeler ulanyldy. Binada baş girelge göz öňünde tutulyp, onda ýük we el goşlary tabşyrylýan ýer, ilkinji gözden geçiriliş ýeri, petek kassalary, maglumat nokady, garbanyşhana, sowgatlyk önümler we gazet-žurnallar satylýan nokatlar, dermanhana, lukmançylyk otagy, gidýän ýolagçylaryň we ugradýan adamlaryň garaşýan ýeri ýerleşdirilipdir.

Gidiş zaly 120 orna niýetlenendir. Bu ýerde enäniň we çaganyň otagy, kafeteriý we namaz okalýan otagy bar. Ol üpjün etmekde dolulygyna özbaşdakdyr. Şeýlelikde, terminalda fiziki mümkinçiligi çäkli bolan adamlar bilen birlikde, ähli ýolagçylar üçin has oňaýly ýagdaýlar döredilipdir. Mümkinçiligi çäkli adamlara oňaýly rampalar we panduslar, bosagasyz geçelgeler göz öňünde tutulypdyr.

Dabaranyň barşynda milli Liderimiz sanly wideoaragatnaşyk arkaly dabara gatnaşýan halkara guramalaryň we düzümleriň ýolbaşçylarynyň çykyşlaryny diňledi.

Howa ulaglarynyň Halkara Assosiasiýasynyň (IATA) Türkiýe, Orta Aziýa we Azerbaýjan boýunça sebitleýin menejeri Funda Çalysyr, Raýat awiasiýasynyň halkara guramasynyň (ICAO) Aeronawigasiýa býurosynyň monitoring we gözegçilik boýunça direktorynyň orunbasary Denis Gindon we Mýunhen halkara howa menziliniň dolandyryjy direktory Ralf Gaffal döwlet Baştutanymyzy hem-de dabara gatnaşýanlary Kerki Halkara howa menziliniň gurluşygynyň tamamlanmagy we açylmagy bilen gutlady. Munuň özi sebitde ýolagçy gatnadylmagyny we ýük daşalyşyny ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Mýunhen halkara howa menziliniň dolandyryjy direktorynyň nygtaýşy ýaly, Hakara raýat awiasiýasy baradaky Konwensiýasynyň 14-nji goşundysyna laýyklykda, Kerki howa menziliniň sertifikasiýalaşdyryş standartlaryna laýyk gelýändigini tassyklamak özi üçin uly hormatdyr.

Şunuň bilen baglylykda, Kerki Halkara howa menziline ýerleşýän ýeriniň dört harply UTAE koduny bermek hakyndaky resminamanyň hem-de Mýunhen halkara howa menzili tarapyndan berlen halkara ülňülerine esaslanyp gurlandygy baradaky laýyklyk güwänamasynyň gowşurylandygyny bellemek gerek.

Kerkiniň Halkara howa menziliniň açylyş dabarasy tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz täze "Boeing 777-200LR" uçarda Türkmenabat şäherine ugrady.

Kerki-Türkmenabat ugry boýunça ilkinji uçuşy amala aşyrýan uçarda ýaş çatynjalar hem bar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýaş çatynjalar we olaryň ene-atalary bilen söhbetdeş boldy.

Asylly däbe görä, hemmelere toý sowgatlary gowşuryldy we süýji nygmatlar hem-de pişme hödürlenildi. Hormatly Prezidentimiz bagtyýar ýaşlaryň toýuna çagyryldy.

Türkmenabadyň Halkara howa menziline gelenden soň, milli Liderimiz dabara gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, awtoulagda Türkmenabadyň köpugurly hassahanasyna tarap ugrady.

Hassahananyň öňündäki meýdançada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri mähirli mübäreklediler.

Bu ýerde döwlet Baştutanymyz ösüp gelýän nesil barada, onuň saglygy baradaky hemmetaraplaýyn aladanyň Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýandygyny belläp, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyndan welaýatyň her bir etrabynyň hassahanalarynyň çagalar bölümi üçin täze "Tiz kömek" awtoulaglarynyň 10-syny bermek bilen bagly çözgüdi barada habar berdi.

Günüň ikinji ýarymynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow täze gurlan "Türkmeniň ak öýi" binasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy. Bu bina Türkmenabadyň täze binagärlik gymmatlygyna öwrüldi.

Milli Liderimiz bäş welaýatyň we paýtagtymyzyň hormatly ýaşulularу we kümüş saçly eneleri bilen bilelikde, ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda toý bagyny kesýär we şeýlelikde, täze ajaýyp binany açýar.

"Türkmeniň ak öýi" ähli görkezijiler babatda dünýä ülňülerine doly laýyk gelýär. Bu bina döwrebap gurluşyk we timarlaýyş serişdelerini ulanmak arkaly guruldy. Binanyň içki bezegi özboluşlylygy hem-de milli öwüşginleri bilen tapawutlanýar. Desganyň bezeginde haly gölleri, bezeg usullary ulanyldy.

Binada dünýäniň meşhur önüm öndürijileriniň akustiki ulgamlary we beýleki zerur enjamlary bilen üpjün edilen uly tomaşalar jaýy ýerleşýär. Şeýle hem bu ýerde giň eýwan, iş edara we beýleki otaglar bar.

"Türkmeniň ak öýi" uly toplumdan ybaratdyr. Ol özüne sadaka jaýyny, dürli çäreleri geçirmek üçin niýetlenen açyk meýdançany, awtoduralgany,

tehniki bölümi we beýleki desgalary birleşdirýär.

Şol ýerde bu ajaýyp waka mynasybetli giň gerimli sergi ýaýbaňlandyryldy. Onda milli amaly-haşam sungatynyň we döredijiliginiň, halk senetleriniň önümleri görkezildi. Türkmenistanyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti boldy, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň "Galkynyş" milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşy hem tomaşaçylarda ýatdan çykmajak täsir galdyrdy.

Bu günki waka mynasybetli hormatly Prezidentimiz Lebap welaýatynda gurlan "Türkmeniň ak öýüne" täze awtoulag serişdesini sowgat berdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz baýramçylyk sadakasyna gatnaşdy.

Şol gün döwlet Baştutanymyz Aşgabada gaýdyp geldi.

## Türkmenistanyň Prezidenti Azerbaýjanyň Döwlet nebit kompaniýasynyň ýolbaşçysyny kabul etdi

24-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Azerbaýjan Respublikasynyň Döwlet nebit kompaniýasynyň (SOCAR) ýolbaşçysy Rownag Abdullaýewi kabul etdi.

Işjeň we netijeli ýagdaýda geçen duşuşygyň dowamynda Türkmenistanyň hem-de Azerbaýjanyň ägirt uly ykdysady, energetika we ulag-logistika kuwwata eýedigi, munuň bolsa möhüm pudaklardaky netijeli gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleri açýandygy bellenildi.

Şunuň bilen baglylykda, nebitgaz senagatyndaky gatnaşyklaryň geljegi we bu ugurda bilelikdäki taslamalary ýerine ýetirmek boýunça pikir alyşmalar boldy. Şeýle hem Hazar deňziniň "Dostluk" ýatagynda uglewodorod serişdelerini gözlemek, işläp taýýarlamak we özleşdirmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şu ýylyň ýanwar aýynda gol çekilen Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda deňiz käni bilen baglanyşykly meseleler boýunça özara düşünişmek hakyndaky Ähtnamanyň ähmiýeti bellenildi. Häzirki döwürde şu resminamanyň çäklerinde degişli ikitaraplaýyn Ylalaşygyň taslamasy işlenip taýýarlanylýar.

Bu taryhy resminama gol çekilmegi Hazar deňzinde energetika babatda türkmen-azerbaýjan gatnaşyklaryny berkitmek we ösdürmek nukdaýnazaryndan ähmiýetli waka öwrüldi.

Ýangyç-energetika toplumyna öňdebaryjy tejribeleri, ýokary tehnologiýalary we ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny ornaşdyrmak meselelerine uly üns berýän ýurdumyz daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalary bilen özara bähbitli gatnaşyklar üçin hemişe açykdyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow we Azerbaýjanyň Döwlet nebit kompaniýasynyň baştutany birek-birege hoşniýetli arzuwlary aýdyp, deňhukukly we özara bähbitli esasda ýola goýulýan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de sazlaşykly ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

25-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň ileri tutulýan meselelerine hem-de möhüm resminamalaryň birnäçesiniň taslamalaryna seredildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, ilki bilen Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary G.Müşşikowy göni aragatnaşyga çagyrdy. Ol halkara maliýe guramalary bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy tarapyndan nebitiň gözlegine gönükdirilen gözleg işlerini geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Häzir "gara altyny" çykarmak işleri, esasan, günbatar Türkmenistanyň Balkanýaka zolagynda alnyp barylýar. "Türkmengeologiýa" döwlet korporasiýasy tarapyndan nebitiň gözlegine gönükdirilen gözleg-barlag işlerini geçirmek maksady bilen, Goturdepe ýatagynyň gündogar böleginde 3D ölçegli hem-de Günorta Burun meýdançasynda 2D ölçegli gözleg-barlag işlerini geçirmek meýilleşdirilýär. Bu işleri ýerine ýetirmek üçin halkara bäsleşigi geçirildi. Onuň netijeleri boýunça ýeňiji saýlanyp alyndy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew ýurdumyzda daşky gurşawy gorap saklamak we döwlet ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň garamagyna «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky» kararyň taslamasy hödürlenildi.

Bu resminamanyň ýurdumyzyň milli we tebigy howa aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, tokaý zolaklarynyň meýdanyny giňeltmek, tokaý gaznasyny döwlet tarapyndan hasaba almak, tebigy baýlyklarymyzy rejeli peýdalanmak hem-de Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynda bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen işlenip taýýarlanylandygy bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz «Türkmenistanyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasyny tassyklamak hakyndaky» Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we bu Maksatnamany durmuşa geçirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Durdylyýew gözegçilik edýän pudaklarynda işleriň ýagdaýy, hususan-da, Türkmenistanda agyz suw üpjünçiligi we suw sowujy ulgamlaryndan peýdalanmagyň düzgünlerini işläp taýýarlamak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Öwezow Internet ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi. Ýurdumyzda internet ulanyjylaryň sany barha artýar. Şeýle hem kärhanalarda we edaralarda, telekeçilikde we bilim edaralarynda internet ulgamyndan işjeň peýdalanylýar.

Şuny nazara almak bilen, «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan halkara bäsleşigi geçirildi.

Hormatly Prezidentimiz kommunikasiýa toplumyny sanly ulgama öwürmek meseleleriniň üstünde durup geçip, ýurdumyzyň öňdebaryjy tehnologiýalaryň esasynda köp ugurlary öz içine alýan kommunikasiýa ulgamyny döretmäge, internete giň gerimli elýeterliligi bilen bir hatarda, aragatnaşyk hyzmatlarynyň möçberini, hilini we görnüşini artdyrmaga gönükdirilen iri taslamalaryň tutuş toplumyny durmuşa geçirmäge girişilendigini nygtady.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň iýul aýynda geçiriljek döredijilik çäreleriniň we medeni-durmuş maksatly binalary açyp, ulanmaga bermegiň Tertibi barada hasabat berdi.

Çäreleriň maksatnamasy şanly senelere bagyşlanan duşuşyklary, bäsleşikleri, sergileri we aýdym-sazly dabaralary, onlaýn maslahatlaryny hem-de wagyz ediş çärelerini öz içine alýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow wise-premýer M.Mämmedowa hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň welaýatlara jogapkär edilip bellenen orunbasarlaryna ýüzlenip, şu ýyl ýurdumyzyň her welaýatynda köpugurly ajaýyp binalar bolan «Türkmeniň ak öýleriniň» gurluşygynyň tamamlanýandygyny belledi.

Milli Liderimiz «Türkmeniň ak öýleriniň» welaýatlaryň medeniýet merkezlerine öwrülmelidigini nygtap, wise-premýere ýurdumyzda iň gowy «Türkmeniň ak öýüni» kesgitlemek boýunça bäsleşigi geçirmek meselesini öwrenmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Geldinyýazow Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we garşysyna göreşmek boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýany taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Bu strategiýanyň esasy maksady we wezipeleri ýokanç däl keselleriň öňüni almagyň we olaryň garşysyna göreşmegiň ileri tutulmagyny gazanmakdan, ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmakdan we adamlaryň saglyk babatda sowatlylygyny ýokarlandyrmakdan hem-de näsaglary ýokary hilli derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeleri bilen üpjün etmekden ybaratdyr.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow we Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we ynsanperwer hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-gyrgyz toparynyň türkmen tarapyndan başlygy, energetika ministri Ç.Purçekow Gyrgyzystanyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň 27-28-nji iýuna meýilleşdirilen resmi saparyna hem-de onuň çäklerinde meýilleşdirilen çärelere taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow türkmen-gyrgyz hyzmatdaşlygynyň geljegi barada aýdyp, netijeli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny artdyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny, muňa özara haryt dolanyşygynyň oňyn depgininiň hem aýdyň şaýatlyk edýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz Aşgabatda ýokary derejede geçiriljek gepleşikleriň möhümdigini nygtap, hödürlenen maksatnama käbir düzedişleri girizdi we wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna hem-de Hökümetara türkmen-gyrgyz toparynyň türkmen tarapyndan başlygyna, energetika ministrine Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentiniň Türkmenistana resmi saparyna taýýarlygyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow türkmen-gyrgyz ykdysady forumyny hem-de Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisini guramak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Söwda-senagat edarasynyň başlygy D.Rejebow ýurdumyzda geçirilýän sergileriň, maslahatlaryň we işewür duşuşyklaryň, hususan-da, Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisiniň hem-de türkmen-gyrgyz ykdysady maslahatynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabatlary diňläp, türkmen-gyrgyz gatnaşyklary we bilelikdäki ykdysady forumyny guramak meselesine ünsi çekdi. Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygyň bar bolan ägirt uly mümkinçiliklerini has doly peýdalanmak zerurdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## Türkmenistanyň Prezidenti Gyrgyz Respublikasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisini kabul etdi

26-njy iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Oguzhan adyndaky köşkler toplumynda Gyrgyz Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we

Doly ygtyýarly ilçisi Talant Sultanowy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Milli Liderimiz dostlukly ýurduň ýolbaşçy düzümine we halkyna bagtyýarlyk, abadançylyk baradaky arzuwlaryny aýdyp, Gyrgyzystanyň Baştutanynyň şu ýylyň 27-28-nji iýunynda ýurdumyza boljak resmi saparynyň döwletara gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açjakdygyna, däp bolan gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, oňa strategik häsiýet bermäge gönükdiriljekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmegiň mümkinçiliklerine üns berildi. Ikitaraplaýyn artýan gyzyklanmalary we iki ýurduň milli ykdysadyýetleriniň özara baglanyşygyny nazara almak bilen, bu ugurda ägirt uly kuwwatyň bardygy bellenildi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen döredilen Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we ynsanperwer hyzmatdaşlyk boýunça Hökümetara türkmen-gyrgyz toparynyň işi ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir.

Döwlet Baştutanymyz we ilçi şu ýyllaryň dowamynda iki ýurduň gatnaşyklarynyň ynanyşmak esasda alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belläp, taraplaryň däp bolan hyzmatdaşlygy ýygjamlaşdyrmaga, iki dostlukly halkyň has-da ýakynlaşmagyny üpjün edýän täze bilelikdäki taslamalaryň durmuşa geçirilmegine hemmetaraplaýyn taýýardygyny nygtadylar.

## Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparynyň ýolbaşçylary bilen iş maslahatyny geçirdi

27-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparynyň ýolbaşçylary bilen iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň raýatlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de COVID-19 pandemiýasyna garşy göreşmek boýunça gaýragoýulmasyz wezipeler kesgitlenildi.

Döwlet Baştutanymyz Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparyň başlygy, saglygy goraýyş we derman senagaty ministri N.Amannepesowyň hem-de şu toparyň başlygynyň orunbasary, içeri işler ministriniň orunbasary Ö.Hojanyýazowyň häzirki döwürde ýurdumyzda emele gelen ýagdaý, bu ugurda geçirilýän anyk işler baradaky hasabatlaryny diňledi.

Dolandyryş merkeziniň we onuň şahamçalarynyň işi talabalaýyk ýola goýuldy. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alşy guramak boýunça yzygiderli maslahatlar geçirilip, Balkan welaýatynyň bu künjeginde dynç alşy guramak boýunça seljeriş işleri amala aşyryldy diýip, toparyň ýolbaşçysy sözüni dowam etdi.

Şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna girilýän ýerde barlag-gözegçilik nokady döredilip, şol ýerde Türkmenistanyň Içeri işler, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Döwlet migrasiýa gullugynyň işgärleri tarapyndan barlag-gözegçilik işleriniň alnyp barylýandygy, dynç almaga gelýän raýatlar üçin ýörite ulag gatnawlarynyň ýola goýlandygy habar berildi.

Iş maslahatyň dowamynda saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, Adatdan daşary toparyň başlygy N.Amannepesow täze, has netijeli waksinalary satyn almak boýunça degişli Kararyň taslamasyny milli Liderimiziň garamagyna hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz saglyk üçin ýokary netijesi bolan waksinalary satyn almak baradaky teklibi makullady we degişli Karara gol çekip, halkymyzyň saglygyny goramak ugrunda döwletimiziň zerur bolan serişdeleri gaýgyrmajakdygyny belledi.

Döwlet Baştutanymyz “Il saglygy-ýurt baýlygy” diýen asylly ýörelgeden ugur alyp, bu ugurda öňde durýan wezipeleriň çözgüdine örän jogapkärçilikli we hemmetaraplaýyn çemeleşilmelidigini, ýurdumyzda waksinalaryň bar bolan gorunyň üstüne gor goşup, täze, has netijeli waksinalaryň 1,5 millionyndan ybarat ätiýaçlyk gorunyň döredilmelidigini aýtdy we bu babatda ministre anyk görkezmeleri berdi.

Milli Liderimiz iş maslahatyny dowam edip, täze koronawirus ýokanjynyň bütin dünýäde giňden ýaýran pandemiýa şertlerinde ýurdumyza bu ýokanjyň aralaşmagynyň öňüni almak hem-de raýatlarymyzyň saglygyny goramak üçin ähli zerur işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi. Gören çärelerimiziň netijesinde, häzire çenli ýurdumyzda bu ýokanç kesel bilen kesellenen ýagdaý ýüze çykarylmady. Ýöne, muňa garamazdan, biz ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny güýçlendirmelidiris. Täze koronawirus ýokanjynyň ýaýramagyna garşy goşmaça göreş çärelerini görmelidiris diýip döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Soňra milli Liderimiz saglygy goraýyş we derman senagaty ministri, Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparyň başlygy N.Amannepesowa ýüzlenip, dynç alyş möwsümi döwründe ýurdumyzyň gurak howaly zolaga girýändigini nazara alyp, Keselleriň ýaýramagyna garşy göreş çäreleriniň kesgitlenen düzgünlere laýyklykda alnyp barylmalydygyna ünsi çekdi. Şunlukda, degişli aralygyň saklanmagy, agyz-burun örtükleriniň ulanylmagy we şahsy arassaçylyk kadalarynyň berk berjaý edilmegi möhüm talap bolup durýar.

Döwlet Baştutanymyz zolakda deňiz suwunyň we howasynyň bakteriologiki barlaglaryny yzygiderli geçirip durmagy, ýurdumyzyň epidemiologiki ýagdaýyna gündelik seljeriş işlerini geçirmegi we ony berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Milli Liderimiz şu toparyň başlygynyň orunbasary, içeri işler ministriniň orunbasary Ö.Hojanyýazowa

ýüzlenip, zolakda ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek, içeri işler edaralarynyň nobatçylyk edýän döwründe bellenen tertipde rugsatnama resmileşdirilen adamlary olaryň şahsyýetini tassyklaýan resminamasy esasynda zolaga goýbermek, zolak üçin niýetlenen ulaglaryň ýörite duralgalarda durmagyny üpjün etmek hem-de dynç alyş zolagyna girmäge diňe ýöriteleşdirilen ulaglara rugsat bermek meselelerine üns berilmelidir diýip belledi.

***

Şeýle hem şu gün Keselleriň ýaýramagyna garşy göreşýän adatdan daşary toparyň mejlisi geçirilip, onda döwlet Baştutanymyzyň bu düzümiň öňünde goýan wezipelerini üstünlikli ýerine ýetirmegiň ugurlary kesgitlendi.

Bellenilişi ýaly, häzirki döwürde koronawirus pandemiýasy zerarly dünýäde emele gelen çylşyrymly ýagdaýy nazara alyp, halkymyzyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek boýunça degişli maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, ýurdumyzyň saglygy goraýyş edaralary we degişli düzümler tomus möwsüminde raýatlarymyzyň ýokary derejeli dynç alşyny guramak meselelerine möhüm ähmiýet berýärler.

Mejlisiň dowamynda dynç alyş ýerlerinde degişli sarp ediş-anyklaýyş, zyýansyzlandyryş we beýleki derman serişdeleriniň ýeterlik gorunyň bolmagy häzirki döwrüň möhüm talabyna öwrülendigi barada aýdyldy. Şunlukda, kesellerden goramak üçin niýetlenen ýörite gorag serişdeleriniň üpjünçiligi, şahsy arassaçylyk kadalarynyň berk berjaý edilişi bilen baglanyşykly meseleler hemişelik üns merkezinde saklanýar.

## Türkmenistan–Gyrgyz Respublikasy: möhüm gatnaşyklaryň täze ugry

27-nji iýunda Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow Türkmenistana resmi sapar bilen geldi.

Aşgabadyň iki ýurduň Döwlet baýdaklary bilen bezelen Halkara howa menzilinde dostlukly döwletiň baştutanyny ýurdumyzyň resmi adamlary garşyladylar.

Gyrgyz Respublikasynyň Baştutanynyň awtomobil kerweni howa menzilinden sapar mahaly kabulhanasy ýerleşýän “Oguzkent” myhmanhanasyna tarap ugrady.

Günüň ikinji ýarymynda Prezident Sadyr Žaparow Türkmenistanyň ilkinji Prezidentini hatyralamak maksady bilen, Gypjaga bardy we bu ýerde ýerleşýän Aramgähde gül desselerini goýdy. Şeýle hem ol Türkmenbaşynyň Ruhy metjidine baryp gördi.

Soňra belent mertebeli myhman paýtagtymyzyň günorta künjeginde ýerleşýän Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binasyna gül goýdy. Asylly däbe görä, Gyrgyz Pespublikasynyň Prezidenti bu ýerdäki Hormatly myhmanlaryň seýilgähinde iki döwletiň we halklaryň mizemez dostlugynyň nyşany hökmünde bag nahalyny oturtdy.

Bu ýerden Sadyr Žaparow ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasyna bardy hem-de Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi bilen tanyşdy hem-de türkmen-gyrgyz ykdysady forumyna gatnaşdy.

Bu ýerde nebitgaz toplumynyň, senagat we gurluşyk önümçiligi, energetika, dokma senagaty, gurluşyk hem-de binagärlik, söwda hem-de daşary-ykdysady aragatnaşyklar pudaklarynyň, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, onlarça hususy firmalaryň hem-de kompaniýalaryň ýokary hilli önümleri, dürli ugurlar boýunça hödürleýän hyzmatlary giňden görkezilýär. Şunda, täze tehnologiýalara, innowasiýalara möhüm ähmiýet berildi. Munuň özi ýurdumyzda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi we eksport önümleriniň mukdaryny artdyrmak boýunça wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygyny aňladýar.

Prezident Sadyr Žaparow biziň ýurtlarymyzyň işewürler toparlarynyň arasynda uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny aýdyp, tejribe alyşmagyň hem-de nebithimiýa, gaz senagatynda elektroenergetika pudagynda iş alyp barýan hem-de özlerini diňe bir ýurduň içinde däl-de, dünýä giňişliginde hem üstünlikli işlemäge ukyplydygyny görkezen Türkmenistanyň kärhanalaryny Gyrgyzystanyň bazaryna işjeň çekmegiň ähmiýetini belledi. Dokma senagaty, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri, syýahatçylyk, gaýtadan işleýän pudaklar, oba hojalygy hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Belent mertebeli myhman ulag-üstaşyr toplumyny ileri tutulýan ulgamlaryň hatarynda kesgitläp, şunuň bilen baglylykda, bilelikdäki gyrgyz-türkmen logistika kompaniýanyň döredilmeginiň giň mümkinçilikleri açjakdygyny nygtady, bu kompaniýa gyrgyz we türkmen harytlaryny dünýä bazarlaryna çykarmaga ýardam berer.

Gyrgyzystanyň Prezidenti türkmen işewürlerini işjeň hyzmatdaşlyga hem-de iri maýa goýum taslamalaryny bilelikde amala aşyrmaga çagyryp, hemmelere üstünlikler we abadançylyk arzuw etdi.

Soňra foruma gatnaşyjylar çykyş edip, dürli ulgamlarda netijeli hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleriň bardygyny aýtdylar we ony durmuşa geçirmek boýunça teklipleri beýan etdiler.

Nebitgaz senagatynda hyzmatdaşlyk ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleleriň biri boldy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň energetika syýasatynyň ýangyç-energetika toplumynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine we onuň dünýä energetika ulgamyna işjeň goşulyşmagyna gönükdirilendigi bellenildi.

Gyrgyz Respublikasynyň işewürler toparlarynyň wekillerine Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň üsti bilen “Türkmengaz” döwlet konserniniň kärhanalarynda we Türkmenbaşydaky

nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilýän önümleri satyn almak mümkinçiliklerini öwrenmek teklip edildi.

Maslahata gatnaşyjylaryň belleýişleri ýaly, himiýa we dokma senagaty, oba hojalygy pudaklarynda, elektroenergetika toplumynda hyzmatdaşlyk üçin uly mümkinçilikler bar. Türkmenistanyň dürli sebitlerinde gysga wagtyň dowamynda kuwwatly elektrik beketleriniň hem-de täze elektrik geçiriji ulgamlaryň gurlup, ulanylmaga berilmegi netijesinde, pudagyň birnäçe esse artan kuwwaty ýurdumyzda her ýyl gurlup, ulanylmaga berilýän iri senagat toplumlaryny hem-de köpsanly durmuş desgalaryny diňe bir durnukly üpjün etmäge däl-de, elektrik energiýasyny Özbegistan, Owganystan, Eýran ýaly goňşy döwletlere ibermäge hem mümkinçilik berýär.

Işjeň, netijeli ýagdaýda geçen forumyň çäklerinde iki ýurduň ministrlikleriniň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, döwlet we hususy kompaniýalarynyň wekilleriniň arasynda ikitaraplaýyn gepleşikler geçirildi, şolaryň dowamynda täze işewürlik gatnaşyklary ýola goýuldy, hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de geljekki gatnaşyklaryň meýilnamalary anyklaşdyryldy.

Işewürlik duşuşygynyň jemleri boýunça Türkmenistanyň we Gyrgyzystanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmeleriniň agzalarynyň arasynda onlaýn görnüşinde ikitaraplaýyn resminamalar toplumyna gol çekildi. Gazanylan ylalaşyklar däp bolan dostlukly döwletara gatnaşyklarynyň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny döretdi hem-de iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga ýardam berer.

Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň Türkmenistana resmi sapary dowam edýär.

## *PERMANLARYŇ WE KARARLARYŇ BEÝANY*

- Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň 2021-2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasy hem-de şu maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.
- Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2022-nji ýylyň 22-27-nji iýuny aralygynda Mary welaýatynda Medeniýet hepdeligini geçirmek bellenildi.

Resminama bilen Medeniýet hepdeligini geçirmek boýunça guramaçylyk topary döredildi we onuň düzümi tassyklanyldy.

- Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine 1million 500 müň doza COVID-19 ýokanjyna garşy waksinasyny satyn almak barada Hytaý Halk Respublikasynyň "China National Biotec Group Company Limited" kompaniýasy bilen şertnamany baglaşmaga ygtyýar berildi.

## Milli Liderimiz Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna bardy

27-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynda bolup, ynsan gylykly bedewleri bilen didarlaşdy.

Bu ýerde döwlet Baştutanymyz şu ýyl Türkmen bedewiniň milli baýramynyň hem-de Aşgabat şäheriniň esaslandyrylmagynyň 140 ýyllygy mynasybetli guralan dabaranyň çäklerinde paýtagtymyzyň ilatynyň adyndan milli Liderimize sowgat berlen, Akşäher atly bedew bilen didarlaşdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Akşäher atly bedew bilen gezelenji tamamlap, bu ýerde idedilýän Hanbeg atly bedewiň ýanyna geldi. Hanbegler we Okgyz atly bedewleriň neslinden bolan ajaýyp at meşhur Gaplaňyň ugruna degişlidir.

Milli Liderimiz Hanbegi eýerläp, ony çapuw ýodasyna çykardy we bedewi maýdalyna sürdi.

Häzir ýurdumyzda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda atçylygy ösdürmek we ahalteke bedewleriniň tutuş dünýädäki şan-şöhratyny artdyrmak boýunça netijeli çäreler geçirilýär. Atçylyk pudagyny ylmy taýdan ösdürmek, bu ugurdaky amala aşyrylýan işleri yzygiderli kämilleşdirmek üçin niýetlenen döwrebap atçylyk-sport toplumlaryny gurmak meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Diýarymyzyň dürli künjeklerinde hereket edýän atçylyk toplumlarynda, aýlawlarda zähmet çekýän ussat seýisler, yhlasly atbakarlar ganatly bedewlerimiziň şöhratly taryhynyň döwrebap derejede dowam etdirilmegine saldamly goşant goşýarlar. Munuň özi milli atşynaslyk däpleriniň gadymy ýörelgeleriniň häzirki zamanyň ruhuna laýyklykda ösdürilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Bu gün at seýislemegiň milli ýörelgeleri döwrebap derejede ösdürilýär. Ahalteke bedewleriniň gözelligi, paýhasy hem-de özboluşlylygy dünýä atşynaslaryny özüne bendi edýär.

Ýüzýyllyklaryň dowamynda ynsan bilen bedewiň arasynda emele gelen ruhy arabaglanyşyk häzirki wagtda türkmen atşynaslygynyň hem-de atçylyk sportunyň ösüşiniň täze tapgyrynyň binýadyny döretdi.

Hormatly Prezidentimiz türkmen atlarynyň taryhynyň we özboluşly gylyk-häsiýetleriniň düýpli öwrenilmelidigini hem-de gadymy seýisçilik ýörelgeleriniň döwrebap ösdürilip, geljek nesillere ýetirilmelidigini aýratyn belleýär.

Türkmen seýisleri we atşynaslary behişdi bedewleriň arassa ganly tohumyny saklamak, ady rowaýata öwrülen atlary seýislemek işini kämilleşdirmek boýunça döredilen giň mümkinçiliklerden peýdalanyp, netijeli işleri durmuşa geçirýärler.

Tutuş dünýäde meşhur bolan ýelden ýüwrük ahalteke bedewleriniň şöhraty belende galdy. Ata-babalarymyz köp asyrlaryň dowamynda tutanýerli zähmeti, zehini arkaly dünýäniň dürli künjeklerinde meşhur bedewleri kemala getiripdirler hem-de arassa ganlylygyny saklap gelipdirler.

Behişdi bedewler okgunly ösýän Garaşsyz Watanymyzyň özboluşly nyşanydyr. Ahalteke bedewleriniň dünýä atçylyk sportunda geçen şöhratly ýoluny mynasyp dowam etmek hem-de başarnyklaryny doly açmak üçin täze mümkinçilikler döredilýär. Bedewleriň tebigy gözelligi, çalasynlygy, wepadarlygy, ösen aň-paýhasy hem-de aýratyn başarnyklary köp asyrlaryň dowamynda şahyrlar we suratkeşler üçin ylham çeşmesi boldy.

*TÄZE NEŞIRLER*

## “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynyň italýan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy

Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” kitabynyň italýan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy boldy.

Onlaýn – tertibinde geçirilen çärä ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary we talyplary, gazet-žurnallaryň redaktorlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Sanly wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly tanyşdyrylyş dabarasyna Italiýanyň Daşary işler ministrliginiň işgärleri, Wiçensa şäheriniň meri Françesko Rukko gatnaşdylar.

Milli Liderimiziň “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” atly kitaby daşary ýurt dillerine terjime edilmegi bilen, köpsanly daşary ýurtly okyjylaryň arasynda meşhurlyga eýe bolýar. Azerbaýjan, gruzin, rus, türk, hytaý, ukrain, fransuz we ýapon dillerine terjime edilen neşirleriň üsti italýan diline terjime edilen görnüşi bilen ýetirildi. Munuň özi dünýä jemgyýetçiliginiň halkymyzyň baý taryhyna we medeniýetine uly gyzyklanma bildirýändigini alamatlandyrýar.

Bellenilişi ýaly, italýan okyjylary türkmen halkynyň taryhy we medeniýeti, durmuş filosofiýasy, däp-dessurlary, parasatly öwüt-ündewleri baradaky öz garaýyşlaryny giňeltmäge ýene bir ajaýyp mümkinçilige eýe boldular. Bu bolsa netijeli döwletara gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna we ösdürilmegine ýardam berer.

*EKOLOGIÝA*

## Türkmenistan we Ýaşyl howa gaznasy bilelikdäki taslamany durmuşa geçirýär

Paýtagtymyzyň “Ýyldyz” myhmanhanasynda “Türkmenistanyň howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly ýurt maksatnamalaryny işläp düzmekde hem-de bu mesele boýunça sebitleýin işleri alyp barmakda goldamak we kuwwatyny güýçlendirmek” taslamasyny amala aşyrmak maksady bilen gurnalan Utgaşdyryjy serişde boýunça birinji iş duşuşygy açyldy.

Geçirilýän iki günlük duşuşyga Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak, Daşary işler, Adalat, Saglygy goraýyş we derman senagaty, Bilim, Energetika, Maliýe we ykdysadyýet ministrlikleriniň, Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň we Statistika baradaky döwlet komitetiniň jogapkär işgärleri, şeýle hem Milli Geňeşiň Mejlisiniň, Ylymlar akademiýasynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň wekilleri çagyryldy.

Bu taslama Türkmenistana howanyň üýtgemegi babatda, onuň halkara borçnamalaryna laýyklykda, durnukly howa ulgamynda goldaw bermegi göz öňünde tutýar. Şeýle hem bu Gaznanyň kömegi bilen, howanyň üýtgemegi bilen bagly maliýeleşdirmäge elýeterliligi ýokarlandyrmak, dolandyrmak hem-de seljermek ýoly bilen, milli ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini goldamak meýilleşdirilýär.

Ýaşyl howa gaznasyndan hem-de Merkezi Aziýanyň sebitleýin ekologiýa merkezinden (MASEM) hyzmatdaşlar duşuşyga gatnaşanlary taslamanyň esasy maksatlary bilen tanyşdyrdylar. Bu maksatlar Gazna bilen netijeli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, gyzyklanma bildirýän taraplaryň kuwwatyny güýçlendirmek hem-de howanyň üýtgemegi boýunça işleri we maliýeleşdirmegi dolandyrmak hem-de utgaşdyrmak üçin esasy gurallary döretmäge gönükdirilendir. Şu maksat bilen, Utgaşdyryjy serişde işläp başlar, Ylalaşyk düzgünleri tassyklanar we Ýurt maksatnamasy işlenip düzüler.

*TÜRKMENISTAN – ÝUNISEF*

## Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda hyzmatdaşlyk

Paýtagtymyzda Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýolbaşçylarynyň BMG-niň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) ýurdumyzdaky baştutany Kristina Weýgand bilen duşuşygy geçirildi. Onuň gün tertibine hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak, şeýle hem ÝUNISEF bilen Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda gol çekilen 2021-2025-nji ýyllarda hyzmatdaşlygyň Ýurt maksatnamasyny hem-de ýerlerde ýokary hilli hyzmatlary ornaşdyrmak arkaly durmuş goraglylyk ulgamyny kämilleşdirmek boýunça DÖM-niň Bilelikdäki maksatnamasyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Durnukly ösüş maksatlarynyň, şol sanda harajatlary utgaşdyrmagyň we olara baha bermegiň monitoringi, bu işleri utgaşdyrmak babatynda ýurdumyzyň degişli düzümleri bilen gatnaşyklar duşuşykda garalan meseleleriň biri boldy.

Ýurt maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň barşyny ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde

ÝUNISEF-iň biziň ýurdumyzyň Hökümetine "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda", "Türkmenistanda çaganyň irki ösüşi boýunça 2020-2025-nji ýyllarda Milli strategiýada", "Türkmenistanda çagalaryň hukuklaryny durmuşa geçirmek boýunça 2018-2022-nji ýyllarda hereketleriň Milli meýilnamasynda" kesgitlenilen wezipeleri çözmäge ýardam bermäge taýýarlygy beýan edildi.

Şeýle hem duşuşygyň dowamynda ilatyň abadançylygynyň we durmuşynyň hiliniň durnukly ösüşini üpjün etmegiň, adam mümkinçiliklerini ösdürmek üçin mynasyp şertleriň döredilmeginiň milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipeleriniň biridigi nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, ýerlerde maşgala abadançylygyna gönükdirilen ýokary hilli durmuş hyzmatlaryny hödürlemekde Türkmenistanyň işjeň orny bellenildi, munuň özi durmuş ulgamynyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan tassyklanylan durmuş goraglylygynyň iň pes derejesiniň möhüm bölegi bolup durýar.

Duşuşyga gatnaşyjylar netijeli hyzmatdaşlygy geljekde hem işjeňleşdirmek barada aýdyp, ýakyn geljek üçin gatnaşyklary giňeltmek boýunça anyk çäreleri kesgitlediler.

*OBASENAGAT TEHNOLOGIÝALARY*

## Azyk howpsuzlygy – durnukly ösüşiň möhüm ýagdaýy

Paýtagtymyzda "Azyk howpsuzlygy ugrunda halkara hyzmatdaşlygy" atly maslahat geçirildi. Oňa Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň, daşary syýasat edarasynyň hünärmenleri, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň, Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň wekilleri, birnäçe ylmy-barlag edaralarynyň işgärleri, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymlary, şeýle hem sanly ulgam arkaly daşary ýurtly alymlar gatnaşdylar.

Forumda azyk ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak we ösdürmek bilen bagly meseleleriň giň toplumy ara alnyp maslahatlaşyldy. Türkmenistan BMG-ä agza döwletleriň ählisi tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüş maksatlarynyň amala aşyrylmagyna uly üns berýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, döwrebap obasenagat düzüminiň döredilmegine maýa goýumlary gönükdirilýär.

Maslahatda seçgiçilik, sort-synag we tohumçylyk ulgamlarynda GDA döwletlerindäki hem-de Türkmenistandaky işleriň ýagdaýy, kesellere we zyýankeşlere garşy durnukly, ýerli toprak-howa şertlerine uýgunlaşan oba hojalyk ekinleriniň täze sortlaryny döretmek hem-de ornaşdyrmak boýunça ylmy-barlag işleri barada habarlar diňlenildi.

*JEMGYÝET*

## Çagalar baradaky alada – Garaşsyz Türkmenistanyň nurana geljeginiň kepili

Geçen hepdede Farap etrabynyň Farap şäherinde "Çagalar dünýäsi" çagalar medeni-dynç alyş merkeziniň açylyş dabarasy boldy.

Döwlet Baştutanymyzyň 2017-nji ýylyň 13-nji ýanwarynda gol çeken Buýrugyna laýyklykda, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmekde, däne we pagta taýýarlamak boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmekde, medeni-durmuş maksatly desgalary gurmakda, ilaty sport bilen meşgullanmaga çekmekde we beýleki ugurlardaky netijeleri göz öňünde tutulyp Lebap welaýatynyň Farap etraby ABŞ-nyň 1 million dollary möçberinde pul sylagyna mynasyp boldy.

Şol serişdeler çagalar üçin niýetlenen täze medeniýet merkeziniň gurluşygyna we onuň döwrebap derejede enjamlaşdyrylmagyna gönükdirildi. Ol 1,5 gektar meýdany tutýar.

"Çagalar dünýäsi" toplumyny Türkmenabadyň "Demirbetonönümleri" kärhanasynyň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy -"Jemşidiň jamy" hususy kärhanasynyň gurluşykçylary bina etdiler.

Bu toplumyň binagärlik keşbi özboluşly görnüşe eýedir. Mälim bolşy ýaly, uly adamlar we çagalar işjeň dynç alşa we sport bilen meşgullanmaga endiklerini ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýärler. Merkeziň çäginde attraksionlaryň 11-si, oýun enjamlar zaly, 46 orunlyk çaýhana we iki söwda dükany bar. Ýakyn wagtda bu ýerde dürli görnüşli hiňňildikler, awtodrom we beýleki ugurdaş desgalar gurlar.

*MEDENIÝET HEPDELIGI-2021*

## Milli medeniýetiň güýç-kuwwaty ynsanperwerlik gymmatlyklarynyň dowamatlylygynyň esasydyr

22-nji iýunda Lebap welaýatynyň edara ediş merkezinde 2021-nji ýylyň Medeniýet hepdeligi geçirildi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen giň gerimli döredijilik çäresi 2013-nji ýyldan başlap, ýurdumyzyň dürli sebitlerinde geçirilýär. Bu möhüm ähmiýetli çäre milli medeniýetiň köpöwüşginliligini, onuň döwletiň we jemgyýetiň ösüşindäki ornuny, ägirt uly parahatçylyk dörediji kuwwatyny görkezýär.

Däp bolşy ýaly, Medeniýet hepdeligi eziz Diýarymyzda giňden bellenilýän Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe gabatlanyp guralýar.

Munuň özi nesilleriň ruhy arabaglanyşygynyň dowamatlylygyny alamatlandyrýar.

Medeniýet hepdeligine gatnaşýanlaryň hatarynda meşhur teatr artistleri, estrada we halk aýdymlaryny ýerine ýetirijiler, muzeý hem-de kitaphana işiniň hünärmenleri, sazandalar, suratkeşler we şahyrlar, aýdym-saz hem-de meşhur folklor-etnografik toparlar bar.

Ruhyýet köşgünde "Perzent çeşme bolsa, gözbaşy ata-enedir" atly maslahat geçirildi. Çäräniň esasy möwzugy milli ruhy-ahlak däpleriniň we türkmen halkynyň maşgala gymmatlyklarynyň dowamatlylygyndan ybaratdyr.

Ýygnananlar milletiň baý mirasyny, şöhratly ata-babalarymyzyň wesýet eden asylly ýörelgelerini giňden wagyz etmegiň hem-de geljekki nesillere ýetirmegiň ýurdumyzyň medeniýetiniň wekilleriniň esasy wezipeleriniň biri bolup durýandygyny biragyzdan bellediler. Olardan bu wajyp mowzuk boýunça täze eserlere garaşýarlar.

Lebap welaýatynyň Taryhy-ülkäni öwreniş muzeýinde "Mirasymyz - buýsanjymyz" atly döredijilik duşuşygy hem-de ýurdumyzyň muzeýleriniň hünärmenlerini birleşdiren maslahat geçirildi. Çäräniň barşynda innowasion sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagy nazara almak bilen, ýurdumyzyň muzeý işini ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy, hünärmenler şeýle hem oba muzeý sergilerini guramakda tejribe alyşdylar.

Hepdäniň dowamynda şäheriň "Bitaraplyk" seýilgähinde guralan "Türkmeniň toý döwresi" atly sahna meýdançasy ýurdumyzyň döredijilik toparlary üçin özboluşly hasabat meýdançasyna öwrüldi.

Kino sungatynyň muşdaklary meşhur artistler we režissýorlar bilen duşuşdylar, täze döredilen çeper filmleriň birnäçesine tomaşa etdiler.

Däp bolşy ýaly, hünär baýramçylyyna gabatlanylyp, Magtymguly adyndaky Milli sazly-drama teatrynda "Gül-Bilbil" atly opera sahnasy goýuldy. Ol ilkinji gezek Lebabyň Seýitnazar Seýdi adyndaky sazly-drama teatrynyň sahnasynda görkeziler. Öz nobatynda, bu teatr hem medeniýet hepdeligine zehiniň hem-de sungatyň güýjüniň dabaralanýandygy barada gürrüň berýän "Saz rowaýaty" atly sahnany taýýarlady.

2021-nji ýylyň Medeniýet hepdeliginiň çäreleri diňe bir Türkmenabat şäherinde däl, eýsem, welaýatyň beýleki şäherlerinde we obalarynda hem geçirildi.

Meşhur ýerine ýetirijileriň we ýaş zehinleriň guralýan konsertleri, nakgaşlyk, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, fotosuratlaryň hem-de neşir önümleriniň sergileri, filmleriň görkezilişi, şygryýet agşamlary, wideomaslahatlar hem-de döredijilik duşuşyklary türkmen medeniýetiniň dürli ugurlaryny görkezmek bilen çäklenmän, eýsem, onuň ägirt uly mümkinçiliklerini açyp görkezmek üçin geljekde ýerine ýetirilmeli işleriň wajyp ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdi.

*SENELER*

## Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy–umumadamzat gymmatlygy

26-njy iýunda paýtagtymyzda ýurdumyzda giňden bellenilýän baýramçylyga–Medeniýet we sungat işgärleriniň, şeýle hem Magtymguly Pyragynyň şygryýet gününe bagyşlanan "Magtymguly Pyragy we türkmen halkynyň garaşsyz döwletlilik taglymaty" atly Halkara ylmy maslahaty geçirildi.

Bu çäre Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Ylymlar akademiýasy hem-de Bilim ministrligi tarapyndan bilelikde guraldy.

Halkara maslahatyň baş maksady Magtymguly Pyragynyň nusgawy döredijilik mirasyny, onuň milli döwletliligi ösdürmekdäki ornuny hem-de beýik ynsanperwer şahyryň umumadamzat ruhy gymmatlyklar hazynasyna goşan ägirt uly goşandyny wagyz etmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda 2024-nji ýylda nusgawy şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygyny giňden baýram etmäge ýokary depginde taýýarlyk görülýändigini bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gol çeken Kararyna laýyklykda, bu şanly senäni dabaraly bellemek boýunça guramaçylyk komiteti döredildi. Şu günki maslahat türkmen topragynyň beýik oglunyň hormatyna ýurdumyzda guralýan möhüm çäreleriň biri bolmak bilen, dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren Magtymgulynyň döredijilik mirasyny mundan beýläk-de düýpli öwrenmek hem-de giňden ýaýmak meselelerine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiliginiň ünsüni çekmäge ýardam bermelidir.

Halkara maslahatynyň açylyşy beýik akyldar şahyryň adyny göterýän ýurdumyzyň iň esasy ýokary okuw mekdepleriniň birinde – Türkmen döwlet uniwersitetinde boldy. Bu ýerde şahyryň döredijilik mirasyny öwrenmek we dünýäde wagyz etmek boýunça düýpli ylmy işler alnyp barylýar.

Şeýle giň gerimli işleriň netijeleri TDU-nyň binasynyň eýwanynda guralan sergide öz beýanyny tapdy. Sergide hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ylmy işlerine we eserlerine aýratyn orun berlipdir. Bu kitaplaryň her biri okgunly ösýän Türkmenistana düşünmegiň özboluşly açary, milli medeniýetimiziň hem-de halk däp-dessurlarynyň örän baý dünýäsi boýunça ýol görkeziji bolup durýar.

Sergide Magtymguly Pyragynyň dürli dillere terjime edilen köpsanly neşirleri, alymlaryň ylmy işleri hem-de şahyryň durmuşy we döredijiligi baradaky gyzykly edebiýatlar ýerleşdirilipdir.

Sergide many-mazmuny boýunça millilige ýugrulan we çeperçilik babatynda örän köp öwüşginli, köpasyrlyk halk däp-dessurlarynyň iň gowy nusgalaryny özünde jemleýän türkmen şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserleri hem görkezilýär.

TDU-nyň mejlisler zalyna DIM-niň, Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag institutlarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, medeniýet ulgamynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, talyp ýaşlar ýygnandylar.

Maslahata wideoaragatnaşyk arkaly dünýäniň 20-ä golaý ýurdundan alymlar gatnaşdylar, olar türki dünýäni we edebi nazaryýeti, taryhy we filosofiýany, Gündogar halklarynyň medeni gatnaşyklaryny öwrenmek meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Alymlaryň köp sanlysynyň türkmen edebiýatynyň beýik nusgawy şahyrynyň döredijilik mirasyny öwrenmäge we wagyz etmäge, ylym, bilim, medeni-ynsanperwer ulgamynda dostlukly gatnaşyklaryň ösdürilmegine goşan uly goşandy üçin Türkmenistanyň "Magtymguly Pyragy" medalyna mynasyp bolandygyny bellemek gerek.

Amerika, Ýewropa we Aziýa yklymlarynyň ylym, bilim we döredijilik ulgamynyň wekillerini birleşdiren bu maslahat "Türkmenistan–parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany" şygary bilen geçýän ýylda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Halkara ylmy maslahatyna iberen Gutlagynda "Magtymgulynyň özbaşdak döwlet baradaky gymmatly ündewleri, ýörelgeleri biziň şu günki bagtyýarlyk döwrümiziň döwlet syýasatynyň esaslaryny düzýär" diýlip bellenilýär.

Maslahatyň umumy mejlisiniň dowamynda Azerbaýjanyň, Fransiýanyň, Hindistanyň, Russiýanyň, Täjigistanyň, Türkiýäniň, Özbegistanyň, şeýle hem biziň ýurdumyzyň iri ylmy hem-de medeni merkezleriniň ýolbaşçylarynyň we wekilleriniň çykyşlary diňlenildi.

Çykyş edenler hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan giň halkara ylmy hyzmatdaşlyk syýasatynyň, ýurdumyzda milli Liderimiziň başlangyjy boýunça ýaýbaňlandyrylan hem-de ylmy gatnaşyklaryň giňeldilmegine, dünýäniň ruhy hazynasynyň aýrylmaz bölegi bolan türkmen halkynyň medeni mirasynyň düýpli öwrenilmegine hem-de wagyz edilmegine ýardam berýän düýpli özgertmeleriň uly ornuny we ähmiýetini bellediler.

Çykyş edenler öz zehinini öçmejek umumadamzat gymmatlyklaryna bagyş eden Magtymguly Pyragynyň dünýäniň ruhy-aňyýet ösüşinde meşhur şahsyýetleriň biri bolup durýandygyny bellediler.

Halkara maslahaty Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynda, Halkara ynsanperwer ylmy we ösüş uniwersitetinde dört ylmy bölümlerde dowam etdi.

Maslahata gatnaşyjylar ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda ylym-bilim ulgamynda ýeten sepgitlerini, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkara ynsanperwer gatnaşyklary ulgamynda öňe sürýän oňyn başlangyçlarynyň ähmiýetini, umumadamzat ruhy gymmatlyklary nukdaýnazaryndan türkmen nusgawy edebi mirasyny öwrenmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Şunuň bilen baglylykda, Magtymgulynyň eserlerini terjime etmek meseleleri boýunça düýpli pikir alyşmalar boldy. Ylmy maslahatynyň dowamynda dürli dillerde ýaňlanan şahyryň meşhur goşgularyndan bölekler onuň eserleriniň çuň many-mazmunynyň, taglymat bitewüliginiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

Ýygnananlar Magtymgulynyň dünýä halklarynyň çeper pikirlenmesiniň ösüşine uly täsirini ýetiren döredijiliginiň ähmiýetiniň milli serhetleriň çäklerinden çykýandygyny hem-de mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn öwrenilmegini talap edýändigini nygtadylar.

"Magtymguly Pyragy we türkmen halkynyň garaşsyz döwletlilik taglymaty" atly Halkara ylmy maslahatyna gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda milli Liderimize köpugurly ylmy we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine, ynsanperwer ulgamda netijeli hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine goşýan ägirt uly şahsy goşandy üçin hoşallyk bildirdiler.

## *BIRŽA TÄZELIKLERI*

Geçen hepdede Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň söwdalarynda geleşikleriň 36-sy hasaba alyndy.

Daşary ýurt puluna Birleşen Arap Emirlikleriniň, Türkiýäniň, Singapuryň, Owganystanyň telekeçileri Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen awtobenzini, uçar kerosinini, nebit koksuny satyn aldylar. Owganystanyň telekeçileri "Türkmengaz" döwlet konserninde öndürilen suwuklandyrylan gazy, Omanyň telekeçileri bolsa "Türkmenhimiýa" döwlet konserninde öndürilen ownyk däneli hlorly kalini satyn aldylar.

Bulardan başga-da, daşary ýurt puluna Azerbaýjanyň, Gazagystanyň işewürlerine tekiz boýalan we tüýjümek žakkard önümleri ýerlenildi. Geleşikleriň bahasy ABŞ-nyň 30 million 302 müň dollaryndan gowrak boldy.

Russiýanyň, BAE-niň, Türkiýäniň işewür toparlarynyň wekilleri jemi 94 million 499 müň manatlyk nah ýüplügi satyn aldylar.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazar üçin Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen gyzdyrylan nebit koksuny satyn aldylar. Geleşigiň bahasy 1 million 250 müň manada deň boldy.




HAÝYAT
10L


HAÝYAT
"Ýanbaş" çeşmesiniň
arassalanan gazsyz agyz suwy
75 49 49
75 43 43
10 10 52
10 10 65
72 18 18
62 62 86
10 10 53
10 10 83
16 18 18
62 89 02
10 10 64
10 10 84
16 18 17
68 75 04
hayyat_water
+993 65 72 18 18
19 ltr 'Hayyat' arassalanan agyz suwyny sargyt etmek!




AŞGABAT